# Iman

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Iman IMAN

Hiç haçan
hiç ýerde
bar zat ýerbe-ýer
boldy hasap edilmeýär bil, jigi.
Eger şeýle ediläýse, derdeser.
Bendäň ýaşaýşyndan halas boldugy.

Çünki,
Isleg ösýär,
Ýaşaýyş ösýä,
Adamlaram kem-kem özgerip barýar.
Hem şo ýolda özleriniň döreden
kynçylyklaryna döz gelip barýar.
Birisi döredýär,
Birisi ýeňýär,
Geň görme, şeýledir gurluşy dünýäň.

Dünýe-görkli gedem gyzdyr,
Yzynda ýersiz selpeder.
Asmanyň ýüzi göm-gökdür,
Edýän deý eýmenç elheder.
Ýöne,
Alla hoş niýetlä
Goldawyny unutmandyr.
Seretanda Muhammede
Saýa salan bulut bardyr.
Kynçylyklara teselli,
Hoş günlere medetkärdir.
Görk bolup gursaga siňen,
Kalbymy sowadan bulut.
Ýagsa,

ýagmasa-da,
ynan,
Ol – juda owadan bulut.

▶ TEKLIP

Neçüýn elmydama aladaly biz?
Galdyr başyñ, synla ahyr baglygy.
Saralyp gidipdir gussañ derdinden
Seret, bu Zeminiñ ýaşyl baglygy.

Dur, ezizim, biraz çeksene aýak,
Gel, oturyp gürleşeli mesawy.
Göýä bu durmuşda gyt zat deý aýal,
Kalbymyza gaplap ýörmän gussany.

Aşyrmät GARLY. Goşgular